Massažor iki taraplaýyn temperaturany sazlamaga mümkinçilik berýän özboluşly goşa ýyladyş ulgamy, şeýle hem barmak basyşyna meňzeýän 20 massaž toplary bilen enjamlaşdyrylandyr. “3D-massaž” bil myşsalarynyň uly bölegini öz içine alýar, dynç almaga we ýadawlygy azaltmaga kömek edýär.
Mijia Smart Waist Massager dynç alyş ýumşadyjy, dekompressiýa, bil ýyladyjy, uky ýaly 10 sany gurnalan massaž görnüşleri bar bolan “Mi Home” programmasyna birigýär. Şeýle-de, massažyň ýene 3 görnüşini özüňizden goşup bilersiňiz.
Massažorda, massaža goldaw bermek üçin görnüşi boýunça köpügi ýatladýan düşekçe ulanylýar. Doly zarýad berlende, 2400 mAs göwrümli batareýa 3,5 sagada çenli özbaşdak işleýär.
Enjamyň agramy takmynan 1,45 kg.
Mijia Smart Waist Massager-y, Hytaýyň Xiaomi Youpin platformasynda 499 ýuana (takmynan 70 dollara) satyn alyp bolýar. Ýakynda, beýleki bazarlarda-da peýda bolmagyna garaşylýar.

Все права защищены




Xiaomi kompaniýasy arkaň ýokarky we aşaky bölegindäki agyrylaryny we ýadawlygy aýyrmak üçin döredilen täze Mijia Smart Waist Massager massaž enjamyny hödürledi diýip, Gizmochina ýazýar.

Все права защищены